# Eýpio

Category: Aýdym-saz sungaty,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Eýpio EÝPIO




Abdyrahym Akça (ýa-da tanalýan ady bilen EÝPIO, A.P.O), Türkiýäniň asly owganystanly türkmen rep aýdymçysy.
Ildeşimiz **Abdyrahym Akça** 1980-nji ýylda Owganystandan Türkiýä göç eden türkmen maşgalasynda 1983-nji ýylyň 2-nji fewral güni Türkiýäniň Konýa şäherinde dünýä indi.
Ol 2002-nji ýyla çenli Stambuluň Zeýtinburny raýonynda ýaşady. 2002-nji ýylda Gollandiýa giden A.P.O birinji ýazgysyny Gollandiýadaky daşary ýurt topary bilen bilelikde çykardy. Soňabaka özbaşdak işlemäge başlan A.P.O 2005-nji ýylda birinji albomyny çykardy. Gollandiýadaky işlerine dowam eden A.P.O 2006-njy ýylda «RapFabriek» albomyny çykardy. 2007-nji ýylda «Ogry bar» («Hırsız Var») albomyny çykardy. 2008-nji ýylda Türkiýä dolanyp gelen A.P.O dördünji underground «Apollo» albomyny çykardy. Şol ýyl ol Stambulda hususy «Bol Wear» atly Hip-Hop egin-eşik dükanyny açdy. Hip-Hop medeniýeti boýunça islän zadyňy tapyp bolýan bu dükan gysga wagtyň içinde tanaldy we birnäçe MC we Hip-Hop muşdaklarynyň söýgüli mekanyna öwrüldi. A.P.O türk aýdymçysy **Fuat**yň 2009-njy ýylda satuwa çykan «Kalbüm» albomyny taýýarlamaga gatnaşdy. Munuň yzysüre 2009-njy ýylyň maý aýynda görkezişe giren ýaşlar filmi «Adab-ı Muaşeret»-iň soundtreki üçin türk aýdymçysy **Sultana** bilen duet aýdyşdy. Rep boýunça işlerine dowam eden A.P.O 2009-njy ýylyň iýunynda öz aýdym-saz studiýasyny açdy. A.P.O studiýasynda öz ýazgylaryndan başga-da aýdymçylaryň buýurmalary boýunça aýdym ýazgy edýär. Studiýada repe täze başlanlara rep aýdym-sazy we rep aýdymyny ýerine ýetirmek boýunça gerekli maglumatlar berilýär.

A.P.O 2013-nji ýylda mahlasyny (lakamyny) üýtgedip EÝPIO etdi. 2013-nji ýylda «Ayrım Yok» atly wideoklibini paýlaşdy. 2014-nji ýylda «Beton Duvar» albomyndaky «Kral Çıplak» ve «Ay Kızım» aýdymlaryna klip düşürdi.
2015-nji ýylyñ 24-nji dekabrynda türk aýdymçysy Burak King bilen birlikde ýerine ýerine ýetiren «Günä meñki» («Günah Benim») single aýdymyna tomaşa edenleriñ sany 180 milliondan geçdi. EÝPIO salymyny bermän täze albomyny taýýarlamaga girişdi. 2016-njy ýylyñ 17-nji iýunynda türk aýdymçysy **Burak King** bilen bilelikde «Aý-ýyldyz biziñki» («Ay Bizim Yıldız Bizim») atly türk futbol ýygyndy toparyna bagyşlanan aýdymy diñleýjilerine ýetirdi. 2016-njy ýylyñ 1-nji iýulynda «Günah Benim» albomyny çykardy.
EÝPIO **Snoop Dogg** bilen birlikde «3 King» aýdymyny ýerine ýetirip giñden tanalýan türk rep aýdymçysy **Massaka**nyñ (ýa-da tanalýan sahna atly Murdoc, Massaka36, Diablo63, hakyky ady Murat Ilhan) «Genosid -4» («Katliam 4») atly köpçülikleýin aýdymyny ýerine ýetirmäge gatnaşdy. 2021-nji ýylda «O Ses Türkiye Rap» telebäsleşiginiñ emin agzalygyny etdi.
Abdyrahman Akça – maşgalaly, iki gyzy bar.

**Albomlary:**

2005 – A.P.O – (EP)

2006 – Rap Fabriek – (1. Stüdyo albümü)

2007 – Hırsız Var – (2. Stüdyo albümü)

2008 – Apollo – (3. Stüdyo albümü)

2011 – AbduRhyme – (4. Stüdyo albümü)

2012 – 16:34 – (5. Stüdyo albümü)

2014 – Beton Duvar – (6. Stüdyo albümü)

2016 – Günah Benim – 3 Adım Müzik – (7. Stüdyo albümü)

2020 – Urgan – DMC – (8. Stüdyo albümü)

**Wideoklipleri**:

2013 – Ayrım Yok

2014 – Kral Çıplak

2015 – Ay Kızım

2015 – Günah Benim

2018 – Bura Anadolu (Direniş Karatay Film Müzikleri)

2018 – Reset (Mustafa Sandal ile birlikte)

2018 – Kaşık (Kafalar Karışık Film Müziği)
2019 – Vur Vur
2019 – Umudum Kalmadı
2019 – Naim
2020 – Katliam 4 (Massaka, Diablo63, Anıl Piyancı, Killa Hakan, Eypio, Hidra, Yener Çevik, Selo, Joe Young, CashFlow, Tepki, Tekmill, Canbay & Wolker ile)
2020 – Urgan
2021 – Seni Öptüğüm Sokak (Tuğçe Kandemir ile birlikte)
2021 – Bizim Çocuklar (Mustafa Sandal, Derya Uluğ & Irmak Arıcı ile) (2021)

# Wikipediýanyñ maglumaty esasynda terjime edildi. Aýdym-saz sungaty